**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky №89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**GOLLANMA**

# №16-saglyk „Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparlarynyň işleri barada hasabat” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## Umumy maglumat

Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparlaryň (HMAT) hasabatyny düzmegi üçin näsaglaryň we maýyplaryň (ilkinji we gaýtadan güwä geçirilenler) ýagdaýyny anyklamagyň netijeleri baradaky maglumatlar bellenilýän teswirnamalar kitaby esas bolup durýar.

## 1 BÖLÜM. ILKINJI GEZEK GÜWÄ GEÇIRILENLERIŇ NETIJESI

1-nji sütünde „Umumy sany“ 01-nji setirde „Güwä geçirilenleriň jemi“ HMAT tarapyndan ilkinji gezek güwä geçirmäge iberilýänler, şol sanda işçiler, gullykçylar, okuwçylar, öňki harby gullukçylar, daýhan hojalygynyň agzalary, maşgala agzalary we başgalar, şeýle-de öň işe ýarawly hasap edilenler ýa-da kömek pullarynyň tölenilmeginiň bes edilen gününden başlap, bäş ýylyň dowamynda nobatdaky gaýtadan güwä geçirilmäge gelmedikler ýazylýar. Şol sütünde şeýlede işçiler, gullukçylar, daýhan hojalyklarynyň agzalary hünärmen zähmet ukyplygyny ýitirenliginiň derejesi göterim hasabynda we goşmaça kömegiň görnüşi üçin HMAT-a iberilenler ýazylýar.

Merkezi HMAT-dan arza we barlag boýunça güwä geçirilen ýagdaýynda №16-saglyk statistik formada gutarnykly netije çykarylandan soň bir gezek bellige alynýar.

02-nji setirde „şol sanda maýyplyk toparyny bellemek üçin“ bejeriş we öňüni alyş edaralarynyň maýyplyk häsiýetleri bolan we wagtlaýyn zähmete ukypzyzlyk hatyny uzaltmaly bolan ýagdaýynda iberilen näsaglar baradaky maglumatlar bellenilýär.

03-nji setirde „HMAT-a iberme (forma (görnüşine) görä №88/h)“ maglumatlar esasynda maýyp diýip hasap edilmedikleriň içindäki wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň sany görkezilýär.

04-nji setirde işleýän işçileriň, gullukçylaryň, daýhan hojalyklarynyň agzalarynyň, öňki harby gullukçylaryň we işlemeýän raýatlaryň içinden ilkinji gezek maýyp hasap edilenler bellenilýär. 03,04-nji setirleriň jemi I sütüniň 01-nji setiriniň sanyndan az ýa-da oňa deň bolmalydyr.

06,07,08-nji setirlerde ilkinji gezek maýyp hasap edilenler maýyplyk toparlary boýunça ýerleşdirilýär, 09,10,11,12-nji setirlerde bolsa maýyplygyň sebäpleri boýunça ýerleşdirilýär. 06,07,08-nji setirleriň jemi I sütüniň görkezilen 04-nji setirindäki sana deňdir. 09, 10,11, 12-nji setirleriň jemi hem şol görkezilen sana deňdir.

2-nji we 4-nji sütünleriň jemi görkezilen 1-nji sütüniň degişli setirlerine deňdir.

Şäher we oba ilatyna degişliligi welaýatlaryň administratiw çäk bölünişi boýunça kesgitlenilýär.

## 2 BÖLÜM. IŞÇILERIŇ WE GULLUKÇYLARYŇ ZÄHMET BORÇLARYNY YERINE ÝETIREN WAGTY ŞIKES ALANLARYŇ ILKINJI WE GAÝTADAN GÜWÄ GEÇIRILENDE IŞ UKYBYNY ÝITIRENLERIŇ SANY

Bu bölümde hünäri boýunça iş ukyplygyny ýitirenliginiň göterim derejesini kesgitlemek üçin ilkinji we gaýtadan güwä geçirilenler hasaba alynýar.

## 3 we 4 BÖLÜMLER.
## ŞÄHERDE WE OBADA ÝAŞAÝANLARYŇ IÇINDE KESELLERIŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ILKINJI GEZEK GÜWÄ GEÇIRILENLERIŇ NETIJELERI

Bölümler doldurylanda şu aşakdakylardan peýdalanmaly:

3-nji bolümiň 1-nji sütüniň 01-nji setirindäki san 1-nji bolümiň 2-4-nji sütünleriniň 04-nji setirindäki sana degişlilikde deň bolmaly;

1-nji sütüniň her bir setirindäki jemleýji sanlar 2-3-nji sütünleriň degişli setirlerdäki görkezilen sanlarynyň jemine deň bolmalydyr. sebäbi 1-nji sütünde hemme ýaşdaky ilkinji gezek maýyp diýip hasap edilenler bellenilýär;

1-nji sütüniň her bir setirindäki jemleýji sanlar 4-5-6-njy sütünleriň degişli setirlerdäki görkezilen sanlarynyň jemine deň bolmalydyr, sebäbi 1-nji sütünde hemme topardaky ilkinji gezek maýyp diýip hasap edilenler bellenilýär;

HMAT-yň delilnamasyny sifrlemek we 3-4-nji bölümleriň tablisalaryny doldurmak „HMAT-yň delilnamasyndaky esasy diagnozy sifrlemek“ baradaky görkezmäniň esasynda ýerine ýetirilýär.

3-nji we 4-nji bölümleriň „a“ bölegindäki esasy setirlerde ilkinji gezek maýyp diýip hasap edilenleriň umumy sany keselleriň, şikesleriň halkara toparlara bölme belgilerine laýyklykda degişli keselleriň toparlary boýunça görkezilýär.

Şeýlelikde 02, 03, 04, 05, 06, 07, 08, 09, 10, 11, 12, 13,14, 15, 16, 17-nji setirler boýunça her bir san şolaryň içindäki „şol sanda“ diýip çykarylan sandan köp ýa-da deň bolar.

3.1-nji we 4.1-nji bölümçelerinde hünär almak üçin täzeden okamak maslahat berilenler 01-nji setirde, möhletsiz maýyplyk kesgitlenenler 02-nji setirde, 57 we ondan ýokary ýaşly aýallar 03-nji we 62 we ondan ýokary ýaşly erkekler 04-nji setirinde görkezilýär.

## 5 we 7 BÖLÜMLER.
## ŞÄHERDE WE OBADA ÝAŞAÝANLARYŇ IÇINDE « MAÝYPLARY GAÝTADAN GÜWÄ GEÇIRILMEGIŇ NETIJELERI»

„Jemi“ diýen 01-nji setirde bir ýylyň dowamynda güwä geçirilen hemme maýyplar (işde, uruşda, çagalykdan we ş.m.) hasaba alynýar. Möhletsiz maýyplyk toparyny alyp we saglyk ýagdaýynyň ýaramazlaşanlygy sebäpli täzeden HMAT-dan güwä geçirilenler 5-6-7-8-nji bölümleriň degişli punktlarynda, sütünlerinde we setirlerinde hasaba alynýar.

1-nji sütünde gaýtadan güwä geçirilen hemme maýyplaryň güwä geçmäge ýüz tutmazdan öňki maýyplyk topary boýunça sany görkezilýär.

4,6,8-nji sütünleriň jemi 2-nji sütüne deň bolmalydyr.

5,7,9-njy sütünlerde güwä geçirilen döwürde işleýän maýyplar görkezilýär.

05-nji setirde gaýtadan gözden geçirilen maýyplaryň umumy sanynyň (01-nji setir) aýallar barada maglumatlar görkezilýär.

10-njy sütünde iş ukyby doly dikeldilen maýyplaryň sany görkezilýär.

5.1-nji we 7.1-nji bölümçelerinde umumy gaýtadan güwä geçirilenler 01-nji setirde, maýyplyk toparyny kesgitlemek üçin gaýtadan güwä geçirilmegiň netijeleri bolsa 02-nji setirde görkezilýär.

## 6 we 8 BÖLÜMLER.
## ŞÄHERDE WE OBADA ÝAŞAÝANLARYŇ IÇINDE KESELLERIŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA GAÝTADAN GÜWÄ GEÇIRILENLERIŇ NETIJELERI

Bu bölümleri doldurylanda şu aşakdakylardan peýdalanmaly:

6-njy we 8-nji bölümlerde 01-nji setiriň 2-3-nji sütünleriň sany şol setirdäki 1-nji sütün bilen deň bolmaly, 4,5,6-njy sütünleriň sany 01-nji setiriň 1-nji sütünine deň bolmaly.

1-nji sütüniň her bir setirindäki jemleýji sanlar 4,5,6-njy sütünleriň degişli setirindäki görkezilen sanlaryň jemine deň bolmalydyr.

HMAT-yň delilnamasyny şifrlemek we 6-8-nji bölümleriň tablisalaryny doldurmak „HMAT-yň delilnamasyndaky esasy diagnozy şifrlemek“ baradaky görkezmäniň esasynda ýerine ýetirilýär.

6-njy we 8-nji bölümleriň „a“ bölegindäki esasy setirlerde gaýtadan maýyp diýip hasap edilenleriň umumy sany keselleriň, şikesleriň halkara toparlara bölme belgilerine laýyklykda degişli keselleriň toparlary boýunça görkezilýär.

02, 03, 04, 05, 06, 07, 08, 09, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17-nji setirler boýunça her bir san şolaryň içindäki “şol sanda” diýip çykarylan sandan köp ýa-da deň bolmaly.

6-njy we 8-nji bölümleriň 1-nji sütüniniň 01-nji setirindäki san 5-nji we 7-nji bölümleriň 2-nji sütüniniň 01-nji setirindäki sana deň bolmaly.

6-njy we 8-nji bölümleriň 01-nji setiriniň 4,5,6-njy sütünlerindäki sanlar 5,7-nji bölümleriň 01-nji setiriniň 4,6,8-nji sütünlerdäki sanlara deň bolmaly.

6-njy we 8-nji bölümleriň 18-nji setiriniň 1-nji we 4,5,6-njy sütünleriniň sany 5-nji we 7-nji bölümleriň 01-nji setiriniň 2-nji we 4,6,8-nji sütünlerdäki sanlara deň bolmaly.

## 9 BÖLÜM.
## MAÝYPLARA IŞE ÝERLEŞMEK WE KÄR ÖWRENMEK BARADA BERLEN MASLAHATLAR

Şu barada ilkinji gezek we gaýtadan maýyplyk bellenenlere berilen maslahatlar göz öňünde tutulýar.

2,3,4-nji sütünleriň jemi hemme setirlerde 1-nji sütüniň degişli setirlerindäki maglumatlara barabar bolmalydyr.

## 10 BÖLÜM.
## MAÝYPLYGY BOLAN ÇAGALAR BARADA MAGLUMAT

Jetwel doldurylanda şu aşakdakylardan peýdalanmaly: Diňe 18 ýaşy dolmadyk maýyp çagalaryň maglumatlary bellenilýär. Keseliniň kesgitlemesini doglan ýyllaryna laýyklykda görkezmeli. Bu maglumatlar 20-nji setirde we 17-nji sütünde jemlenýär.

21-22-nji setir 20-nji setire deň bolmaly, 18-19-njy sütündäki maglumatlar 17-nji sütüne deň bolmaly. 23-nji setiriň maglumatlary 17-nji sütünde jemlenýär we 18-19-njy sütüniň jemine deň. 20-nji sütünde we 23-nji setirde ilkinji gezek maýyplygy kesgitlenenleriň sany görkezilýär. 21-nji sütünde saglygy dikeldilenleriň maglumatlary görkezilýär.

## 11 BÖLÜM.
## UMUMY MAGLUMATLAR

HMAT-laryň sany (01-nji setir) ýylyň ahyryna, ýagny ýylyň dekabryň 31-ine çenli görkezilýär.

Her gün işleýänleriň sanynda lukmanlaryň hepdede 33 sagatdan az işlemeýän agzalary görkezilýär.

02-nji setirde „HMAT-da işleýän lukmanlaryň sanynda“ toparlarda hakykatdan işleýän lukmanlaryň sany görkezilýär.

Hakykatdan işleýän lukmanlaryň sany ýylyň ahyrynda (dekabr aýynyň 31-ine) görkezilýär.

Olaryň zähmet depderçesi HMAT bölüminde alnyp barylýan ýagdaýda lukmanlary HMAT esasy işgäri diýip hasap etmeli.

**HMAT-yň delilnamalarynda esasy kesel kesgitlemesini şifrlemek baradaky metodiki görkezmeler.**

HMAT-laryň delilnamalaryndaky kesel kesgitlemesiniň şifrleri X Halkara gaýtadan serediş klassifikasiýasy boýunça alnyp barylmaly.

Delilnamadaky kesel kesgitlemesiniň şifrlenmegi diňe hünäri boýunça degişli lukmanlar tarapyndan bellenilmeli.

Her HMAT-yň delilnamasynda maýyplyga getiren keseliň şifri drob görnüşinde goýulmaly: bölünijide keseliň №16-njy saglyk görnüşi, bölüjide keselleriň, şikesleriň kodlary halkara gaýtadan serediş esasynda goýulýar.

HMAT-yň delilnamasynda we mejlis kitapçasynda hemme keseller,ýetmezçilikler we onuň gaýraüzülmeleri ýazylýar.Olaryň içinde esasy keseliň kesgitlemesi ilkinji ýazylýar.

Esasy kesel kesgitlemesini şifrlemek üçin saýlananda şu aşakdakylardan peýdalanmaly.

a) Iki we ondan köp kesel kesgitlemesiniň içinde haýsy keselde agyrlyk derejesi boýunça maýyplyk alamatlary ýüze çykanda, şony esasy kesel kesgitlemesi edip almaly.

b) Iki we ondan köp kesel kesgitlemesiniň içinde agyrlyk derejeleri birmeňzeş bolanda, keseliň kliniki agyr görnüşi, ýa-da maýyplygyň sebäbini öňe sürýän kesel kesgitlemeleri, esasy kesel kesgitlemesi edip ýazylýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi.**